# HORMATLY RAÝATLAR!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe **Hormatly Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň** parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda raýatlaryň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukuklarynyň göwnejaý amala aşyrylmagy üçin şertleri döretmek boýunça çärelere döwlet syýasatynda uly orun berilýär.

Şuňa görä-de, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, Siziň zähmet hukuklaryňyzyň we kanuny bähbitleriňiziň goralmagyny gazanmak maksady bilen, aşakdakylary ýatladýar.

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, zähmet şertnamasy – iş beriji bilen işgäriň arasyndaky özara hukuklary we borçlary belleýän ylalaşyk bolup, ol zähmet gatnaşyklarynyň döremegi üçin esas bolup durýar.

Kanunçylyga laýyklykda işgäriň bellenen tertipde we şertlerde zähmet şertnamasyny baglaşmaga hem-de ýerine ýetiren işiniň mukdaryna, hiline görä zähmet hakyny doly möçberde almaga hukugy bardyr.

Zähmet şertnamasyny baglaşmazdan (dil üsti gürleşip) işlemek, şeýle hem zähmet haky töleginiň doly ýa-da bölekleýin “resmi däl” görnüşde (ylalaşylyp) tölenilmegi, işgärleriň hukuklarynyň we kepillikleriniň berjaý edilmezligi üçin şertleri döredýär.

**Hususan-da bu ýagdaýlar tejribede aşakda görkezilen meseleleriň ýüze çykmagynyň esasy sebäbi bolup durýar:**

- zähmet işi we zähmet haky baradaky resmi maglumatlaryň bolmazlygy, olaryň işgäre berilmezligi;

- rugsatlaryň berilmegine we tölenilmegine, zähmet hakynyň öz wagtynda we doly möçberde tölenilmegine hem-de Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňüne tutulan beýleki tölegleriň geçirilmegine bolan kepillikleriň berjaý edilmezligi;

- önümçilikdäki betbagtçylyk ýa-da hünär keseli netijesinde işgäriň saglygyna zeper ýetende ýa-da ol aradan çykanda, işgäre (onuň maşgalasyna) öwezini doluş tölegleriniň berilmezligi ýa-da az möçberde berilmegi;

- döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyna serişdeleriň geçirilmezligi ýa-da az möçberde geçirilmegi netijesinde pensiýa ýaşyna ýeten raýata pensiýanyň bellenilmezligi ýa-da az möçberde bellenilmegi;

- zähmet jedelleri ýüze çykan halatynda, zähmet hukuklaryny we bähbitlerini goramakda kynçylyklaryň döremegi.

Şunuň bilen baglylykda, zähmet gatnaşyklaryna degişli işleriň zähmet şertnamasy esasynda resmileşdirilmegine, şeýle hem zähmet hakynyň kanunçylykda bellenilen tertipde resmi tölenilmegine bolan hukugyňyzyň talap edilmeginiň möhümdigini belleýäris.

Şeýle hem beýan edilen meseleler boýunça soraglar ýüze çykan ýagdaýynda usulyýet kömegini almak üçin Ministrlige ýa-da onuň ýerlerdäki zähmet we iş bilen üpjünçilik edaralaryna ýüz tutup bilýändigiňizi habar berýäris.